# Bagrymyň bagy / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 25 января, 2025
Bagrymyň bagy / hekaýa BAGRYMYŇ BAGY

Hekaýa owgan halkynyň bagtly geljegi ugrunda gazaply söweşlere gatnaşan, türkmen halkynyň merdana ogly, seržant Muhammet Aşyrmyradowyň röwşen ýadygärligine bagyşlanýar.

O gezek ýadyňa-oýuňa düşmejek bir waka boldy. Döwlet aganyň esger ogly, ýalňyzy Muhammediň ýogalanlygy hakyndaky habar oba ýaýrady, onuň jesedi hem şol habaryň yzýanyndan getirildi. Bu ahwalat adam barynyň ýüregini para-para etdi, obany gam-gussa basdy.
Sähel salymda obanyň başy telpeklisi gonamçylyga ýygnandy. Ýas mitingi hem şu ýerde guraldy. Çykyp geplänler köp boldy. Mitingi harby ýolbaşçylaryň biri jemläp, şeýle diýdi:
— Adamlar, ýer ýüzünde parahatçylyk ugrundaky göreş barha güýjeýär. Ýöne göreş pidasyz bolýamy näme? Muhammet Döwletow hem owgan halkyny rewolýusiýanyň duşmanlaryndan goramak üçin janyny orta goýan gerçekleriň biri. Onuň edermenligi söweşjeň «Gyzyl Ýyldyz» ordeni bilen bellenildi. Biz ony hiç haçan unutmarys, biz onuň ýagty ýadygärligine hemişe baş egýäris.
Adamlaryň ýüzi matamlydy. Olaryň köpüsi üçin çykyp geplän adamlaryň sesi bilen Bakja ejäniň agyly sesi goşulyşyp eşidilýärdi. Oglunyň duýdansyz ölümine garry ene serinden giden ýaly bolaýdy. Häzirem öz perzendiniň ýüzüni soňky gezek görüp bilmezligi ony aldym-berdime saldy, ene ýüregini gyýym-gyýym etdi. Bakja ejäniň çekýän nalasy mahal-mahal çykyp geplänleriň sözüniň arasyny kesip-kesip geçýärdi Ol özüni bütinleý ýitirdi, saçlaryny ýüzüne döküp, ýetişibildiginden dyzlaryny ýumruklaýardy, özüni oda-köze urup, ýüz-gözüni dyrnaçaklaýardy. Onuň gözgyny halyna uly-kioçi ýüregi awady.
Adamlar jaýlanyş dessury berjaý edilensoň gonamçylykdan gaýdybermekçi boldular welin, olaryň gözi oba tarapdan özlerine bakan ýönelen bir adamda eglendi. Onuň çulum-çulum

ädimläp gelşi aýal maşgala meňzeşdi. Adamlar ylla dilleşen ýaly, dagaman, onuň gelerine garaşyp, ýerli-ýerinde, misli doňan ýaly bolup oturdylar.
Bu gelýän Dessegül ejäniň görmegeý gyzy Göwherşatdy. Gyz maşgalanyň gonamçylyga gelmegi birgiden ýaşulyny geňirgendirenem bolsa, ýagdaýdan habarly adamlaryň endamy dyglap, arasy täzelenipdi. Haýran galaýmaly. Göwherşat bu ýere ýetiberende, hemmeleriň, hatda ertirden bäri gözýaşny saklap bilmän oturan bakja ejäniň hem ahy-nalasy tapba kesildi. Adamlar saga-sola serpilip, gyza ýol berdiler.
Göwherşadyň gül ýüzi solup, mydamky jahyl baryny oda-köze salýan jadyly gözlerem görmekden galan ýalydy, töwerek-daşyna şugla salmakda Aý bilen bäsleşýän akmeňiz ýüzem garörtdi. Özem ortada tümmek bolup ýatan mazara golaý geldigiçe ädimi barha haýallanýardy, aýaklarynyň ysgyny gaçyp, ýykyljak-ýykyljak bolýardy. Özüni mazaryň üstüne goýberip, uly ses bilen aglabererli görünýärdi. Hemmelem şeýle bolar öýdüpdi. Ýöne, olaryň oýlaýşy ýaly bolmady. Göwherşat mazaryň ýanyna ýetmänkä aýak çekdi, dyzyna çöküp, başyndaky ýaglygyny eline aldy. Adamlar sessiz-üýnsüz otyrdy, gözleri welin gyzdady. Häzir onuň aglamagy gerekdi, diňe gözýaş etmek ynsanyň başyna düşen agyr jebir-sütemi egsidip biljekdi. Ýöne Göwherşat aglamady. Adamlar gozgalaň tapdylar. Asyl gyzyň gözleri çygjarmadam, şol bir oturyşyny üýtgetmän, bütinleý başga hörpden tutdy, derdiň agramyny juwan ýüregine saldy. Adamlar şeýle bir zadyň diri şaýady boldular. Asyl ol bu ýere gelen uly-kiçiň ählisiniň gözünň alnynda bolup geçdi. Gyzyň göwher ýaly altynsöw, bir enaýy edilip örülen saçlary sähelçejik wagtda, sanlyja sekuntda tutuş aga boýaldy. Adamlar ör turdy. Göwheşady gonamçylykdan alyp çykdylar.
Göwherşat telim öwre yzyna gaňrylyp seretdi-de, soň ýoluny dowam etdirdi. Şu ber-başagaýlykda jesediň ýanyndan tapylan bloknoda kän bir üns berenem bolmady. Muhammediň gulluk döwrüniň kem-käsleýin gün ýazgysy ýöredilen bui bloknot Göwherşadyň eline düşdi. Ol muny özüne iberilen ýalňyz ýadygärlik hökmünde arzylap saklady. Mahal-mahal şol bloknotdaky ýazgylara göz gezdirip, dert eýelän ýüregini

mazaly gowzatdy. Ol häzirem ilkinji sahaby şu aşakdaky wakalar bilen başlanýan bloknody eline aldy…

IKI DOST

Bu günki türgenleşik tamamlanypdy. Şeýle-de bolsa olaryň üstüne gum sowruldy durdy.Muhammet kellesini galdyranda, Kerwen eýýäm üst-başyny kakyşdyryp duran eken. Ol hem Muhammetden peslär ýaly däldi, çalasyndy, gulluga gelen döwründäkisine meňzänokdy, kemsiz türgenleşipdi, tabşyrylýan her bir ýumşy kössüz ýerine ýetirýärdi, söweş hem syýasy taýýarlygyň otliçnigidi. Ol heniz esgerlige göterilmänkä, az wagtlygam bolsa kolhoz işinde işläpdi. Ýokary okuw jaýyna girmek üçin taýýarlanayp ýördi. Şol aralykda-da gulluga çagyrylypdy. Gulluk etmek seniň Watan öňündäki mukaddes borjuň. Okamaga, işlemäge welin her haçanam bolsa wagt tapyljak. Kerweniň bu baradaky pikirem şeýledi.
Muhammet gulluga alynmanka uçilişşäniň soňky ýylynda okap ýördi. Ynha, gullukdan boşap barar-da, ýene-de öňki söýgüli uçilişesine barar. Kakasy ýaly, abraýly bir lukman bolup ýetişse, armany ýokdy. Oba seýregrägem bolsa baryp gaýdardy. Ol häzir hem owgan daglarynyň tep-tekiz, ýalaňaç keşbine seredip, ony hyýalynda öz obasynyň gerşi tokaýly daglary bilen deňeşdirýärdi.
– Kerwen, sen bir zady synlaýaňmy? – Ol häzirki içki pikirini orta atmak isledi. – Seret bi daglaryň takyrdygyny. Biziň daglary bir gör, nädersiň, şu mahalam göge bürenip ýatan bolaýsa.
– Özüň diri şaýat bolup dursuň. Indi iki ýyl bäri biz şu toprakda ýaşap ýörüs, asmandan bir katra nem dammady. Kakap ýatan gury ýerden tot-tozandan başga näme görjek sen. Onsoňam bularda çeşmedir guýy gazara indi näçe ýylyň içidir uruş maý berýämi gardaş.
Uruş diýlen bela tebigatyňam sylap goýanok, onuňam ganymy uruş.
– Onyň dogry, Kerwen. Ýöne mundan beýläk şeýle ýagdaý gaýtalanmaz. Owgan halky azat, erkana durmuşda ýaşar, onsoň

olaryň tebigatam ine-gana görk alar. Kimde-kim gaýdyp öwgan dostlarymyza, şu parahat oturan ilata el göterse, oňa bizem dözümsizlik etmeris, merkini bereris, bu gara çynym. Şeýle dälmi?
— Şeýle. Dosta gujak açarys, ýarag gezäne ýarag gezäris. Bu diňe biziň däl, tutuş ýer ýüzüniň parahataçylygy söýýän adamlarynyň tutýan ýoly.

MUHAMMET

Daň saz beriberende tüpeň atylmagy tutuş zastawany örüzdi.Esgerler sähel salymyň içinde söweşe taýýar boldy. Şeýle ýagdaý indi bu ýerde soňky dört-bäş aýyň içinde, megerem, ikinji gezek bolsa gerek. Ýöne o gezek gazaply söweş gidipdi. Söweş daň atýança dowam edip, iki tarap üçinem ýetirilen zyýan ummasyz bolupdy.
Häzir welin howsala düşüp oturasy zat ýokdy, hälki tüpeň sesinden soň hiç bir ýerde aýak sesi-de eşidilmeýärdi.
Esgerler hatara düzülip, buýruga garaşdy. Garawul ýeňsesinden pyçaklanypdy, onuň beýle ýanynda başga bir nätanyş adam ýüzin düşüp, gymyldaman ýatyrdy. Garawul diridi, iňňildeýärdi, nämedir bir zatalry aýtjak bolup jan edýärdi.
Serkerde esgerlere buýruk berdi-de, olary zastawanyň çar tarapyna iberdi. Özi hem ýaraly esgeri dessine gospitala ugratmak bilen boldy.
Muhammetyň bu gezekki ýoly Kerwenden aýra düşdi. Oňa zastawanyň günbataryny birlaý aýlanyp çykmak tabşyryldy. Muhammet näçe aýlansa-da hiç kime, janly-jandara sataşmady. Daň mazaly agaryp, töwerek ýagtylypdy. Golaýdaky ozal ýaşalyp, soňam taşlanylyp gidilen hüjre Muhammediň gözüne syrly bolup göründi. Ol bu hüjrä baryp görmäge ozalam höwesekdi, ýöne hiç haçanam jüpüne düşmändi.
Bu ýeri daşyndan synlanyň ýaly däldi. Diňe daşky döwük gapysyndan yş görünýär diýäýmeseň, içeri zady saýgaryp bolmaz ýaly tümlükdi. Her ýerde, her ýerde adamyň süňke öwrülen kelle çanagy çaşyp ýatyyrdy. ″Bu ýerde haçanam bolsa banditler bolupdyr″. Muhammet şeýledir öýdüp çaklady. Hüjräniň çetki

töründe şeýle bir ýakymsyz, porsy, demiňi düýrükdirip barýan ys gelýärdi welin o ýerik ýürek edip barar ýaly däldi. Muhammet tabşyryk boýunça hereket edýärdi, ol mundan beýläk jübi fonaryny ýakmaly boldy, şo pille-de onuň kellesine nämedir bir zat patylap degdi, soň ýene degdi, başga, biri bolan bolsa, belki wägiribem goýbärdi, üsresine-de oňa tarap oky gutarýança atardy. Ýüregi togtan ýaly bolup duran Muhammet ýagtyny ýokary tutdy, ol gözleriniň görýän zadyna özi ynanmady. Ýokardan sallanyp duran çagalaryň ýalaňaç jesedine esedip, esli salym durdy, göreçleriniň owasyna ýaş doldy.
Muhammet hüjreden çykan soňam wagty bilen özüni dürsäp bilmedi. Şeýle zalym ganhorlary birin-birin öz eli bilen bogup öldüräýesi geldi. ″Şolary dogranam enemikä? Olaryňam söýýäni, eziz görýäni, hormat-sylag goýýany barmyka? Megerem, ýokdur. Wagşylaryň ýüregem wagşydyr. Olarda ynsanlykdan jinnek ýalyjak nyşanam ýokdur. Olaryň özlerem zalym, ýüreklerem, zalym ýürekleriň gaýgyrjak zady bolmaz″. Muhammet diňe içini gepledip oňmaly boldy.

## GÖWHERŞAT

Poçtalon bu günem wagtynda geldi, hemişeki edähedine görä, sesli okap ugrady:
– Kuranbaýew.
– Men.
– Sidorow.
– Men.
– Tulegenow.
– Komandirowkada.
Muhammet uzak saklanyp bilmedi, ýerinden turup, poçtalonyň alkymyna dykylyp bardy.
– Haw, gardaş, haçan maňa hat getirhek? – diýdi.
Poçtalon birbada näme diýjegini bilmedi. Gepiň gerdişine görä:
– Ýoldaş seržant, size geljek hat heniz ýolda bolaýmasa – diýdi.
Muhammet lapykeç ýagdaýda yzyna gaýtdy.
– Ýene-de ýokmy? – Kerwen Muhammediň aladaly ýüzüne seretdi.

– Hat nämişlesin dostum. Meniň hatlarym ylla guýa gaçan ýaly. Ýeri olar gowuşmanmyşyn diýeli, şonda näme, hat ýazmak bolar ahyryn.–Ol goltuk jübüsinden eplenip giden hatly bukjany çykardy.
– Bu hat kimden?
– Ýadyňdamy, iki aý mundan owal bileje okan hatymyz, Göwherşatdan.
– Göwherşatdan, ho-ol perizatdanmy? Muhammet, kyn görmeseň sen ony ýene-de okap bersene, her niçigem bolsa gyzlaň sözüni eşitmegem ýakymly.
Muhammet derrew onuň bilen ylalaşdy.

«Salam ezizim, Muhammet!
Öňi bilen seni hem-de dostuň Kerweni ″Edermenligi üçin″ medalyňyz bilen gyzgyn gutlaýan. Size jan saglyk, işiňizde şowlulyk arzuw edýärin.
Hawa, Muhammet, gideliň bäri iki ýyl tegelenip barýar. Obada täzelik kän boldy. Köçelere daş düşeldi. Öýlere tebigy gaz çekildi. Etrap merkezine awtobus gatnaýar. Menem öňki ýerimde işläp ýörün.
Ejeň, kakaň ýagdaýy oňat. Bakja eje meni her gün gelip görmese ynjalanok. Özem häzirden toýa taýýarlanyp ýör. Geldigiň toý tutmakçy. Arada maňa-da sala saldy. ″Gözel göwnüňiz″ diýdim. Pahyr monça boldy, guş bolup uçup gitdi.
Obada injirdir nar ýetişdi. Bakja eje ″Toýda iýiler″ diýip, teläriň gelin barmak üzüminiň ähli hoşasyny ýekänme-ýekän haltalap çykdy. Bir semiz öküzçänem toý üçin saklap ýör.
Hat ýazaňok. Düşünýän, eliň degýänem däldir. Gaty görüp duramok. Özüňi goraweri. Alla işiňizde kuwwat bersin.
Göwherşat″.

Muhammet bi haty telim sapar okapdy. Her gezegem ony ilkinji gezek okaýan ýaly, täzeden tolgunardy.
Häzir ony Kerwenem hezil edip diňledi, soňam:
– Be, walla, sen-ä söýüşibem ýetişäýipsiň – diýdi. Göwherşadyň keşbini göz öňüne getirjek bolşuny Muhammede gürrüň berdi. Onsoň Muhammedem:

– Sen-ä dost, hakyt onuň bilen ozaldan tanyş ekeniň – diýdi. Dostlaryň ikisem heziller edip gülüşdi.

TANYŞ ÝÜZ

Muhammet garawullyk çekýärdi, birdenem hol bir ýerde kimdir biriniň aýak sesin eşidildi.
– Duruň, ataryn! – diýip, gygyrdy. Ol adam aýak çekdi, ýüz-gözi ýapykdy, özem sen-men ýok, çök düşüp aglamaga durdy.
– Oglum, men biçäräni öz ýoluma goýber. Gurhandan ant içýän. Men hiç kese ýamanlyk eden adam däl. Meni öldürme, nähak gana galma. Ganhor borsuň. Meniň Beýdylla körden gaçyp gelşim.
– Siz kim borsuňyz, sizi öldürjek bolýan ýok, size kim diýerler, asyl bu töwerekde ne körüňiz bar?
– Maňa Başir Karim diýerler, gaýraky obaly. Men ýamnalykly adam däldirin. Men… men Beýdylla körden gaçyp gelşim. – Nätanyş adam şol bi sözüni gaýtalady durdy. – Onuň aç itleri meni aňtap ýörendir. Men maşgalama sag-salamat gowuşsam. O nejisler gije-gündiz taýýarlyk görýär, özlerem dişlerine çenli ýaraglanan.Olar üçin garrymy, ýaşmy, çagajykmy, parhy ýok, çem gelen okdan geçirilýär. Rehimsizlikde şura hököwmedem şonçarak barmyşyn diýýärler. Şol dogrumy, oglum?
– Siz ýalňyşýaňyz atam. Dost başa iş düşende gerek. Biz siziň saýlap alan ýoluňyzyň, ýaňy başlan durmuşyňyzyň hemme taraplaýyn pajarlap ösmeginiň tarapdary. Biz sizi we siziň çagalaryňyzy, bütin owgan topragyny şol ýagty günde ýaşamaga päsgel berýän betpäl, Beýdylla kör ýaly betniýetli adamlardan goramaga geldik. Şolar ýaly adamlaryň soňuna sogan ekmeli.
– Beýdylla körüň ganyna galan adamlary galapyn bigünä adamlar. Özüne sähel zeper ýetjegini bilse, ol bütin obany oda ýakmaga taýyn. Asyl o zaňňar adam öldürmegi eşekden palaň alýança-da görenok.
– Ony biz görübereris. Dura-bara kimiň-kimdigine göz ýetirersiňiz. Häzir bolsa gidiň, meniň siz bilen gepleşmäge hakym ýok, gaýdyp şu töwerege köwlenmäň.
– Ömrüň uzak bolsun, oglum. Özüňem bir sada ýeriň çagasy bolarly. Sag boluň!

Muhammet ýüz-gözüni ýapyşdyryp, ýola düşen bu ýaşulyny gözleri bilen uzak aralyga çenli ugratdy.

Ç O Z U Ş

Bu gije ýarymdan öten soň boldy. Iki taraplaýyn atyşyk başlandy. Pulemýotlaryň sesi hem hä diýmän eşidilip ugrady. Üstlerini gapyllykda basaryn öýdüp hyýallanan duşman atlylary garaşylmadyk zarba döz gelip bilmän, ikibir-üçbir ýesir düşüp başlady. Bandanyň ýolbaşçysy Beýdylla kör welin bu başagaýlykdan peýdalandy, ol bu ýerden özüniň bir bölek atlysy bilen zordan diýen ýaly başyny gutardy.
Muhammede ölen adamlaryň ýaragyny ýygnamak tabşyryldy. Ol ýany ýaragsyz ýatan tanyş ýüzüň ýanynda kän eglendi. Basym bu ýere Kerwenem ýetip geldi. Muhammetyň aladaly ýüzüne çiňerildi.
— Saňa nä döw çaldy, rehmiň indimi, bu ýatan bandit ahyry.
Muhammet ýagşydan-ýamandan sesini çykarmady, ýüzünem galdyrmady. Öten agşamky gören adamynyň bu dara-direlikde nireden peýda bolandygyna akyl ýetirip bilmedi.
— Haýp, ony öldüripdirler. Ýogsam, onuň bilen başgaça gürleşerdik. Görýäňmi seniň oňa duşaňda atmanyň, tutup zastawa getirmäniň ýetirýän zyýany. Häli görseň ″men bandit däl″diýip, ant içip, awy ýalandyr, pukarasyran bolandyr, şeýdibem gözüňe çöp atandyr, indem tutuş bandany yzyna tirkäp üstümize alyp gelendir. Bi şondan başga zat däldir.—Kerwen gana bulaşyp ýatan bu nätanyş adamyň jübülerini sermeleşdirdi, ýeke suratdan özge tapan zady bolmady. Suratda bu nätanyş adam on-on iki çaga bilen bir hortaň aýalyň arasynda otyrdy.
Kerwen o suraty eliniň tersi bilen oklap goýberdi.
Muhammediň ugry bolmady. Bu işde özüni müýnli duýup, aňyrsyna çykyp bilmedi. ″Ýeri, nämüçin goýberdiň diýsene, nämüçin başga birine, ýat adamyň sözüne ynandyň. Ne bir gül ýüzli ýigitler parçalandy. Meniň şu adama, duşman içalysyna ynanyşym. Bu meniň goýberen iň uly hatam bolsa gerek″.
Ertesi zastawanyň içinde iki-baka gaýmalaşyk başlandy. Iki ýurduň harby ýolbaşçylary bir ýere jem bolup, bu bandadan belli-külli dynmagyň gamyny iýdiler.

Çep eli saralgy ýesirden sorag Muhammede rahatlyk getirdi. Ýesir muny hemmelere eşitdirip aýtdy, özem bu wakany sojap-sojap, garaçyny bilen gürrüň berdi.
– Siziň şol gabat gelen adamyňyz Başir Karim, daýhan adam bolmaly.Ol birki günlükde men ýer işlejek, men uruşjak däl diýip, bandadan gaçyp gaýdypdy. Beýdylla kör ony aňtap köp gezdi, ahyram ele saldy, hut öten gije onuň maşgalasyndan ar aldy, on iki çagasy bilen aýalyny ýanyp duran oda taşlap, olar kül bolýança tomaşa etdi. Kim söweşmekden boýun gaçyrsa, boljagy şudur diýip bizem gorkuzdy.
Bu günem ″Şuralaň ýerleşen ýerini görkez″ diýip, oňa azar-ýamanyny berdi, o pahyry atyň öňüne salyp, debsiläp gaýtdy. Ýogsam Başir Karim bu ýere gelmejek bolup jan etdi. Beýdylla kör welin oňa zabun darady. Bir gözi körem bolsa, onuň mergenligine taý geljek tapylmaz.Ol olki bilen Başir Karimiň çep gulagyndan, soňam sag gulagyndan atdy. Özem tüpeňi uzak aralykdan atdy. Ol pahyr ýolboýy gara ganyny sarkdyryp geldi.
Ýesiriň bu gürrüňine artykmaç düşündiriş gerek däldi, ony beýleki ýesirlerem unady.Ýesiriň ″Ol pahyr ýolboýy ganyny sarkdyryp geldi″ diýen sözleri Muhammede başga bir wakany ýatlatdy. Onuň atasy Begmyrat hem ýowuz günleriň – otuzynjy ýyllaryň pidasy bolupdy. Ol bu hakda kakasyndan eşidipdi. Häzirem şol ganly waka onuň göz öňüne gelip direldi…
Oba häli-şindi basmaçylar çozardy. Olar her gezek oba adamlaryna ummasyz zyýan ýetirýärdiler.
Begmyrat obanyň ýaşlar guramasyna ýolbaşçylyk edýärdi. Bir günem ol obadaşy Annaly begiň ýanyna sakgalyny syrdyrmak üçin barypdy. Annaly beg onuň sakgalyny göwünli-göwünsiz syrmaga oturdy. Ilki başda päkini haýal-ýagal ýöredenem bolsa, soňra sen-men ýok, bokurdakdan saldy. Bokurdagy çalnan Begmyrat bir eli bilen kellesini tutup, gapa bakan ylgady. Şol wagtam gapynyň bosagasynda duran ikinji bir adam goltugyndan çykaran ak saplyny Begmyradyň çep gursagyndan goýberdi.
…Serkerdäniň ″Hatara düzüliň!″ diýen sesi Muhammedi ukudan oýandyran ýaly, tisgindirip gitdi.
– Oglanlar, siziň güýjüňiz bilen banditler we olaryň köp mukdardaky ýaraglary ele salyndy – diýip, serkerde adaja

gepläp, esgerleriň ýüzüne hoşwagt bolup seretdi. – Berekella, munuň üçin ähliňize minnetdarlyk yglan edýärin!
Biziň indiki wezipämiz Beýdylla köri we onuň bandasynyň aldawa düşen adamlaryny ele salmak. Size bu işde-de üstünlik arzuw edýärin.
Garaşylan gün gelip ýetdi. Esgerler harby buýruga garaşýardy. Muhammet Kerweniň egninde egnini goýup:
– Işiň şowly bolsun, gardaş – diýdi.
– Seniňkem şeýle bolsun.
Dostlar başlaryny belent tutup, ýola düşdi…

U M Y T

Göwherşat ýazgysy tamamlanan blaknody ýene-de öňki ýerinde ýygşyryp goýdy.
– Gyzym, meniň seň bilen iki agyz gürrüňim bar.
Göwherşat bakja ejäniň ýygyrt basan ýüzüne seredip:
– Aýdyberiň, Bakja eje, men seni diňleýän – diýdi.
– Gyzym, seniňem ene-ataň, jigileriň, öýüň-işigiň bar. Gyz halyňa beýdip, bizde ýaşap ýörmegiň, gelşiksiz görýän. Ony uly ilem unamaz. Sen indi bagtyňy başga ýerden gözleseň nädýä. Ýaş başyň bar, oglumyzyň gaýdyp geljek gümanasam ýok.
Bakja eje üçin bu sözleri aýtmakdan arkaňda daş götereniň müň paý ýeňil düşjekdi.
– Men … men indi şu ýerden hiç ýaňa-da butnaman. Muhammediň ojagynda oturjak, özi ölse-de, ol meniň üçin baky diridir. Muhammedim diridir. Meni kowmaň, meni öz günüme goýuň, umydymy köýdürmäň. – Göwherşat bozuldy, damagy doldy, gürläp bilmedi. Bakja eje-de herýan urundy. Güýje galyp aýdan sözüne puşman etdi.
– Gyza azar berme, Bakja. Onda näme ýazyk bar? Goý ol islese bizde bolubersin. Ol indi biziň oglumyzam, gelnimizem. Men ony her gezek göremde, agynjak oglumyň özüni görýän.
Döwlet aganyň çürt-kesik gelen netijesi Bakja ejäni-de, Göwherşady-da aljyratdy. Olar garsa gujaklaşyp, uzak wagtlap biri-birinden aýrylyşyp bilmediler.
Döwlet aga giňlige saldy, syr bildirmedi. Bakja eje welin ejiz

geldi, gözýaşyny saklap bilmän, şol hamsykdy ýördi. Esli günläp darak degmedik saçlarynyň keçä öwrülip gideninem aňmaýardy, bu boluş, elbetde, Bakja ejä gelişýän zat däldi. Onuň köne bir edähedi aýrylmady, özbaşyna gepledi ýördi. Etjek-goýjak zadynam, ″Ynha, bir öýe bir baraýyn, eýderin, beýderin″ diýerdi, hiç bolmasa ″senjagaz dur bakaly″diýip, öz ýanyndan kimdir birine haýbat atardy. Ogluny welin, her demde, otursa-tursa ýatlardy. Elbetde, enä ogly hakynda ýatlamak gerek däldi, oňa diri ogul gerekdi.
Bir gezegem şeýle boldy. Oba gulluga giden oglanlardan bir topary boşap geldi. Bakja eje hemmeden öň olaryň öňüne çykdy. Harby geýimli esgerleriň arasynda öz ogluna çalymdaş birini gördümi-nämemi, sen-men ýok, boýnundan aslyşyp goýbermedi.
– Balam, bu senmi, asyl sen dirimidiň? Adamlar, ine, meniň oglum geldi. Bagrymyň bagy, ýüregmiň örki geldi, men onuň ahyry geljegini bilýädim-de. Ýör oglum, ýör, ýol üstünde beýdip durmaly, öýe gideli. Göwherşadyňam bizdedir…
Bakja eje şol bir diýýän zadyny zol-zol gaýtalady durdy. Soňam birhili gözleri garaňkyran ýaly entirekläp-entirekläp gitdi. Adamlar üýşdüler. Onýança bu ýere Göwherşadam geldi
– Ýörüň enesi,ýörüň. Ine, bir gün şeýdipjik Muhammedem geler – diýdi-de, Bakja ejäni goltuklap öýe äkitdi.

Goçy ANNASÄHEDOW. Hekaýalar